# Oglanlykda diñlän aýdymlarymyz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Oglanlykda diñlän aýdymlarymyz OGLANLYKDA DIÑLÄN AÝDYMLARYMYZ



Aýratyn mähirli hemem ýakymly,
Oglanlykda diñlän aýdymlarymyz.
Hüwdi ýaly şirin hemem akgynly,
Oglanlykda diñlän aýdymlarymyz.
Sahy bagşyñ mesge ýaly owazy
Ömür-ha gidermi gulagyñdan heý.
«Bijjek dana» diýip, şol çagyryp dur,
Hindiler Mangeşkar Lata, Manna Deý.

Bir ýerden hor bilen çagyryp durlar,
«Eý ýoldaş, eý ýoldaş, bäri gel, bäri»
Ýelpeselendirýär ýene bir ýerde,
Galanyñ düýbünde ekenler nary.

Bir ýerde «doñ ýürek» bir «garabagyr»,
Näzenin golundan bilezik alan.
Ýene-de bir ýerden gelip dur owaz,
– Sen «eý gözel oglan, bäriñe dolan».

«Palawa» çagyrýar Ýolaman Humma,
Hojaw aga «Dnepre» çagyrýar.
Maýa Kulyýewañ bilbil owazy
«Şanly geljegmize äkidip barýar»
Şindizem diñlesek şol aýdymlary
Oglanlyk döwrümiz gaýtaryp berýär.

1983.

■ WADALY ÝERDE

Günem dag gerşinde ýaşdy-da gitdi,
Gör eýýäm garañkam düşdi-de gitdi,
Señ wadaly ýerde gelmeýänligiñ
Hyýallañ gapysyn açdy-da gitdi.

Goñşyñyza myhman boldumy Sahy,
Daş işikden bakyp durmy ol doýman,
Ýa-da ýakasyndan bir bedre suwy
Guýup durmy Kerim, erkiñe goýman?

Ýa-da gözleriñden gitmejek bolup,
Gurbannazar açyp durmy ýüregni?
Ýa-da bahar bilen duşurmak üçin
Äkitdimi Mämmet Seýit, geregmi?

Ýa Gara Seýitlu lirasy bilen
Señ magşuk kalbyna howsala salýar…
Ine, ahyr aram berip ýürege,
Weliden ýañlanan «Söýgülim gelýär!»

1978.

■ AGARMA SAÇYM!

Ýaşlyk bilen hoşlaşma-da,
Gözellerden daşlaşma-da,
Jahyllygymyñ şaýady,
Gije ýaly gara saçym,
Salma göwne ýara saçym,

Agarma saçym, agarma!

Näme beýle agarýañ tiz,
Ýa-da ýyllar goýdumy yz,
Ýa nyşanmyñ kämillikden,
Ýa göwnüme meñzän bolsañ,
(Bagyşlawer geñlän bolsam).
Agar saçym, agaryber!

1978.

## ■ LOTOREÝA OÝNY

*A.Gurbannepesowa öýkünme*

Bir gezek Lotoreý oýnadym menem,
«Nesibäni özüñ gel çek» – diýdiler.
Utarn öýdüp asla etmändim çenem,
«Señ paýyña düşdi telpek» diýdiler.

Ýaýdana-ýaýdana ony diledim,
Hezil edip gülüp «peltek» diýdiler.
Aljyrap, gaçyryp guma buladym,
«Häý, bagty getiren tentek» – diýdiler.

1986.